TÜRKMENISTANYŇ BILIM MINISTRLIGI
TÜRKMENISTANYŇ MILLI BILIM INSTITUTY

# INFORMATIKA 7

Türkmenistanyň orta mekdepleriniň VII synplary üçin interaktiw-multimedia elektron gollanmasy

AŞGABAT 2014

# Informasion prosesler: informasiýalary saklamak, geçirmek, täzeden işlemek, gözlemek

# Soraglar

* 1. Informasiýa näme ?
* 2. Sazanda eşiden sazyny nota görnüşinde ýazanda saz eserini özgertmegiň haýsy görnüşi bolup geçýär?
* 3.Adamzat dilleri onuň informasion işinde nähili wezipäni ýerine ýetirýär?
* 4.Ýazuwyň haýsy görnüşleri bar?
* 5.Synp tagtasy informasiýany esasy göterijilere degişli bolup bilermi
* 6.Informasiýa göterijilere nämeler girýär?

# Informasion prosesler.

* **Informatika** – *bilimler dünýäsiniň informasion prosesleriniň kanunlaryny hem-de usullaryny kompýuterleriň we beýleki tehniki serişdeleriň kömegi bilen öwrenýän ylymdyr. Esasy informasion prosesler: informasiýalary saklamak, geçirmek, işläp taýýarlamak we gözlemekdir.*

# Informasiýalaryň saklanylyşy

* Adam öz ýadynda galan informasiýalary çalt aýdyp bilýär, şonuň üçin adamyň ýadyna çalt ýat diýmek bolar. Şonuň ýaly-da adamyň ýadyny **içki ýat** diýip hasaplamak hem bolar.
* Ýazgy depderçämizi, telefon kitabyny, okuw kitaplaryny **daşky ýat** diýip atlandyrmak bolar. Daşky göterijilerdäki informasiýalar uzak wagtlaýyn we ygtybarly saklanýar.

# Informasiýalaryň geçirilişi.

* Informasiýa geçirilende, hemişe iki tarap gatnaşýar: **informasiýa çeşmesi** we **ony kabul ediji**.
* **Çeşme** – informasiýany iberýär, **kabul ediji** bolsa ony kabul edýär.
* Informasiýany çeşmeden kabul edijä  geçirmek käbir  aragatnaşyk **kanaly arkaly** bolup geçýär.

# Informasiýany işläp taýýarlamak.

* **Informasiýany işläp taýýarlamak** – informasion prosesleriň ýene bir görnüşidir.
* **Hasaplama** – informasiýany işläp taýýarlamagyň görnüşleriniň biridir.
* **Kodlamak** – informasiýany aňlatmagyň bir görnüşinden ony saklamaga, geçirmäge, işläp taýýarlamaga oňaýly başga bir görnüşine geçirmekdir.

*Käbir halatlarda kodlamak tekstiň mazmunyny gizlinlikde saklamak maksady bilen ulanylýar. Bu ýagdaý* ***sifrlemek*** *diýlip atlandyrylýar.*

*

# Informasiýalary gözlemek

* Sözlükden daşary ýurt sözüniň terjimesini, telefon kitabyndan telefon belgisini, otlularyň gatnaw wagtynyň tertibinden otlynyň ugraýan wagtyny, kitapdan gerekli formulany, kitaphana katalogyndan gerekli kitaplary we ş.m. gözlemeli bolýarlar. Bu işlere, umuman, daşky göterijilerden *(kitaplardan, shemalardan, tablisalardan we ş.m)* **informasiýalary gözlemek** diýilýär.
* Informasiýalary gözlemek işi hem informasion proseslere degişlidir.

* **Adamyň informasion işi esasy informasion prosesleriň üç görnüşi: informasiýalary saklamak, geçirmek we işläp taýýarlamak işleri bilen baglanyşyklydyr.**
* **Informasiýalary adamyň hususy ýadynda we daşky göterijilerde: kagyzda we ş.m. saklaýar.**
* **Informasion prosesler janly tebigatda hem bolup geçýär.**

# Sapagy berkitmek

* 1.Siziň:
* a)informasiýanyň çeşmesi hökmünde;
* b)informasiýany kabul ediji hökmünde bolýan pursatlaryňyza mysal getiriň.
* 2.Informasiýany işläp taýýarlamak prosesine dürli mysallary getiriň. Her mysalda informasiýany işläp taýýarlamak prosesiniň haýsy düzgün esasynda bolup geçýändigini kesgitläň.
* 3.Informasiýa göterijilere mysallar getiriň.

# Interaktiw-multimedia elektron gollanmany taýýarlanlar:

Saryýew Döwran
Ataýew Kakageldi
Garýagdyýew Orazberdi